***Täze taryhy döwürde ata Watanymyzda ýaşlar syýasaty barha pugtalanýar. Şunda giň gözýetimli, çuňňur dünýägaraýyşly we täzeçe pikirlenmäge ukyply ýaşlara aýratyn orun berilýär. Çünki ýaş nesil baradaky alada eziz Watanymyzyň geljegi baradaky aladadyr.***

«Bir ýyl öňüňi görjek bolsaň, däne ýetişdir. On ýyl öňüňi görjek bolsaň, bag ýetişdir. Ýüz ýyl öňüňi görjek bolsaň, terbiýeli nesil ýetişdir» diýlişi ýaly, ata Watanymyzyň at-abraýynyň has-da ýokarlanmagyna öz mynasyp goşantlaryny goşýan nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr. Şoňa görä-de, häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklary ygtybarly goralyp, mertebesi belent tutulýar, olaryň ýaşaýyş derejesini we durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak üçin zerur şertler döredilýär. Ýaş türkmenistanlylaryň döredijilik taýdan kämilleşmegine möhüm ähmiýet berilýär.

Ýaşlar syýasatyny halkara derejede ýaýbaňlandyrmak Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň hem esasy ugurlarynyň biridir. Şoňa görä-de, 2023-nji ýylda Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Halklaryň dostlugy — ýaşlaryň bagtyýar geljeginiň kepili» atly Ýaşlaryň halkara maslahatynyň, şeýle hem Mary şäherinde «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» atly Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumynyň geçirilmegi taryhy wakalaryň hataryndan orun aldy.

Türkmen ýaşlary jemgyýetiň ähli gurşawynda bolup geçýän özgerişleri, täzelikleri durmuşa geçirmäge we ösdürmäge ukyplydyrlar. Ýaşlar döwletiň işjeň we örän wajyp güýjüdir, olaryň islegleri, gymmatlyklary, garaýyşlary geljegiň binýadydyr.  Ýurdumyzy gülledip ösdürmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýan, ýaş nesle uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Dünýägözel HAÝTEKOWA,**
**TMÝG-niň Darganata etrap Geňeşiniň uly buhgalteri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025